# «Aýadyñ sen öz köñlüñ…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Aýadyñ sen öz köñlüñ…" AÝADYÑ SEN ÖZ KÖÑLÜÑ…

Aýadyñ sen öz köñlüñ,
Özgäñ göwnüni aldap.
Hem agzyna öýkündiñ,
Duranda naçar aglap.

Nur saçman görejiñden,
Okap mähriñ tepbedin.
Geýilmeýän gejim dek,
Bakyşlardan çetdediñ.

Il-gün mähri ataş dek,
Al-elwandy reñki.
Senem ahyr tutaşdyñ,
Tutaşyşyñ garañky,
Ýanşyñ garañky.

* * *

Men – berýoza, senem – şemal,
birdenem
Misli saçlarymy sypap başlaýañ.
Çemenzarlykda gülli gerdene,
Ilen kerepleri birýan taşlaýañ.

Ýapraklaram hiñlenenok her saza,
Ýetmese ömrüñe säherden nyşan.
Şemal ösýär. Aýdym aýdýar berýoza,
Göýä harasatdyr mähirden nyşan:

"Şemal joşup, mähirini atansoñ,
Siltenýän şahalam görünsin zordan.
Şu durkum oñatdyr, şemal ýatansoñ
Asylyp durandan ýapraklam dardan."

* * *

Gamly häkim ortasynda mellegiñ –
Günebakar neçüýn güne bakanok.
Sowuk şemal onuñ altyn kellesin
Yralaýar. Gargalar-da gakda-gak.

Eger-de gülleri söýen halatyñ,
Başarsañ hiç haçan biderek ýolma!
Guşlar heniz ýaýman eken ganatyn,
Düşüpdirler uçup gitmäñ hyýalna.

Gördüm berýozalañ gözýaş dökenin,
Hesret gülüp bakmaz adam ogluna.
Arman, tylla täji günebakaryñ,
Togalanyp gitdi ýeliñ ugruna.

Käte aýna bakyp,
Galýaryn haýran.
Özge göz seredýär
Içinden aýnañ.

Belki, ol özüñki
Bolmagy mümkin.
Içgin synlamasañ
Tanamaklyk kyn.

Onuñ çuñlugynyñ
Ýokdy serhedi.
Bir kiçi göwrümli –
Uly erteki.

Onda ýerleşipdir
Bir giden iller.
Gijeler, gündizler,
Ýodalar, ýollar.

Onda tanyş daglar
Hem tanyş ýaýlam…

Men ekenim bakýan,
Içinden aýnañ.

Tatýana WOLTSKAÝA,
(Russiýa).

Terjime eden: Annaguly NURMÄMMEDOW. Goşgular